# Saçyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Saçyñ SAÇYÑ



Mübärek jemalyñ gördüm,
Huşum aldy belli saçyñ;
Görgejin bitakat erdim,
Älhepus, saýhally saçyñ.
Eşiden görmäge zardyr
Köýüñde köýgen bimardyr,

Sala gulaç boýy bardyr,
Dört barmakdan inli saçyñ.

Oýanyp gijäniñ ýary,
Eşit meniñ ahy-zary,
Pahyr-bende hyrydary
Ger berilse pully saçyñ.

Her tary zilden çekilen,
Otursa örge dökülen,
Müşk bilen anbar sepilen,
Düzüm-düzüm gülli saçyñ.

Sen garasañ özge bir ýan,
Aýnymdan ab akar girýan,
Tolgunyp ýüzüñde her ýan,
Bilmen ne hyýally saçyñ.

Ger guşansañ, zerli kemer,
Danyşsañ dilden bal damar,
Gyrmyzy bag, kümüş tumar,
Tylladan heýkelli saçyñ.

Men bir saýat, sen bir jeren,
Ýelä garşy sogup baran,
Mätäjige owsun uran,
Apy ýylan hilli saçyñ.

## ■ ZÜLPÜÑ SENIÑ

Aldymdan aý dek peri,
Çykar gara zülpüñ seniñ,
Aýnynda yşkyñ hanjary,
Kakar gara zülpüñ seniñ.

Dendary dür, lebi hurma,
Ýene duman geldi serme,
Ala göze gara sürme,
Çeker, gara zülpüñ seniñ.

Bilmenem humaýmy, laçyn,
Ogryn gözlär göwnüm üçin,
Ör boýundan ören saçyñ,
Döker gara zülpüñ seniñ.

Ger geçseñ golaý ýanyndan,
Müşk ysy geler donundan,
Zülpleri zenehdanyndan
Böker gara zülpüñ seniñ.

Bir gowgaýa galdy başym,
Dynman akar gözde ýaşym,
Mätäji diýr, aldy huşum,
Ýakar gara zülpüñ seniñ.

■ MÄHRIM ALAN ÝAR

Niçe ýyldan bäri çekdim jepañy,
Oglanlykda sensiñ mährim alan ýar,
Anjaýyn görmedim ähdi-wepañy,
Bir wesile bilen ýagy bolan ýar.

Görsem, gamzañ bilen janym ýakar sen,
Göwün hyşdyn azdan-azdan ýykar sen,
Binurbat sen gazap, ganym döker sen,
Synam üzre tygsyz ýara salan ýar.

Mahal-mahal hyruç edip özüñden,
Janym heder eder ala gözünden,
Süýeklerim lerzan urar sözüñden,
Jismimiñ şährine talañ salan ýar.

Aşyk bolan magşuk raýyny ýykmaz,
Senden özge kişi näzimi çekmez,
Ölse Mätäjiden ikilik çykmaz,
Tapylmaz sözümde zerra ýalan, ýar.

■ MEMMELERIÑ

Sebäp bilen dahyl oldy gözlerim,

Aklym haýran etdi şol memmeleriñ;
Namyradam, nedeý düşdi nazarym,
Üsti altyn-kümüş, pul, memmeleriñ.

Men Mejnunam, Leýli saçyñ barmydyr,
Jan kastyna owsun uran marmydyr,
Bilmen pudakdaky goşa narmydyr,
Bir-birine ogşar ol memmeleriñ.

Bir eser ýetişdi, düşdüm düzlere,
Mübärek jemalyñ ildi gözlere,
Serim sadka bolsun, dilber, sizlere,
Şu mahal bazara sal memmeleriñ.

Gel indi olturup, golumny kesgin,
Birew dahl eýlese, öldürgin, asgyn,
Ýüz gula azatlyk möhrüni basgyn,
Ujundan müñ çory al memmeleriñ.

Sen abat eýleseñ köñlüm saraýyn,
Ak otagda alma bilen uraýyn,
Dürli-dürli halat serpaý bereýin,
Ýene kemi bolsa al memmeleriñ.

Näzli dilber, eger barsam kendiñe,
Bişek elim ýeter tylla bendiñe,
Aman-nurbat, talhan eýle gandyña,
Şekerden şirindir bal memmeleriñ.

Gözümiñ röwşeni, serimiñ täji,
Göwün kerweninden alar sen pajy,
Dünýä lezzetiniñ baryndan süýji,
Tagamly, lezzetli bal memmeleriñ.

Men Seýpelmelek men, sen onuñ ýary,
Belli ýañra kyldy bu yşkyñ zory,
Indi istemes men şeýle mydary,
Ýetmese bir ýandan el memmeleriñ.

Bilbil hyruç edip çekende nala,
Mätäjini salar set müñ hyýala,
Ýañagyñ ýaz güni açylan läle,
Mysaly melewşe gül memmeleriñ. Goşgular